**Gümrük paçlaryny tölemegiň**
**T E R T I B I**

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Tertip Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlar üçin gümrük paçlaryny almagyň kadalaryny kesgitleýär.

2. Gümrük paçlary, Türkmenistanyň ýerli önüm öndürijilerini höweslendirmek, olaryň öndürýän harytlarynyň bäsdeşlige ukyplylygy babatda bähbitlerini goramak, şeýle-de içerki bazaryň söwda dolanyşygyny sazlaşdyrmak maksady bilen bellenilýär.

3. Şu Tertipde ulanylýan esasy düşünjeler:

haryt - raýatlaryň öz ýanyndakylardan we el goşundakylardan başga, gümrük pajy bellenen we Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän zatlar, haryt-maddy gymmatlyklar, emläkler;

raýatlaryň el goşundaky harytlar - kämillik ýaşyna ýeten, gümrük serhedinden geçýän raýatyň özündäki hem-de hususy el goşundaky zatlary;

zergärçilik önümleri - gymmatbaha daşlar ulanylyp ýa-da ulanylman gymmatbaha metallardan ýasalan zatlar, olaryň bölekleri, gymmatbaha metallar we gymmatbaha metal çaýylan önümler;

gümrük pajy - Türkmenistanyň çäklerine getirilýän ýa-da onuň çäklerinden alnyp gidilýän harytlar üçin Türkmenistanyň gümrük edaralaryna tölenýän, harytlary getirmegiň ýa-da alyp gitmegiň aýrylmaz şerti bolup durýan gümrük tölegi;

gümrük pajynyň möçberi - gümrük pajyny hasaplamak üçin ulanylýan ölçegler. Gümrük paçlaryny hasaplamagyň maksatlary üçin, şu Tertibiň VII babynda göz öňünde tutulandan başga halatlarda, gümrük edarasy tarapyndan gümrük deklarasiýasy kabul edilen gününde hereket edýän möçberler ulanylýar. Eger Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça bellenmedik bolsa, daşary ykdysady işiň haryt sanawy boýunça harytlaryň atlaryna we toparlaryna laýyk gelýän gümrük pajynyň möçberleri ulanylýar;

taraplar - edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler, şahsy taraplar.

## II. Gümrük paçlarynyň görnüşleri

Türkmenistanda gümrük paçlarynyň şu aşakdaky görnüşleri ulanylýar:

a) paç alynýan harytlaryň gümrük bahasyndan göterim möçberinde hasaplanýan adwalor görnüşi;

b) paç alynýan harytlaryň bir birligi üçin bellenen möçberdäki aýratyn görnüşi;

ç) paç almagyň agzalan iki görnüşini hem özünde jemleýän kombinirlenen görnüşi.

## III. Gümrük bahasy

1. Harydyň gümrük bahasy deklarant tarapyndan harytlar gümrük edarasyna mälim edilende beýan edilýär.

Gümrük bahasy manatda görkezilýär. Daşary ýurt puly Türkmenistanyň milli puluna Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gümrük paçlarynyň möçberiniň kesgitlenýän gününde hereket edýän hümmeti boýunça hasaplanyp geçirilýär. Gümrük paçlary manatda tölenýär.

Gümrük pajy harydyň gümrük taýdan resmileşdirilen gününden gijikdirilmän tölenýär we şondan soňraky günden gijä galman Türkmenistanyň döwlet býujetine geçirilýär.

2. Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda (mundan beýläk - birža) bellige alynýan şertnamalar esasynda gümrük serhedinden geçirilýän harytlaryň gümrük bahasy harydyň şertnama (geleşik) esasynda kesgitlenen bahasynyň üstüne harydyň Türkmenistanyň gümrük çägine çenli getirilýän ýa-da bu çäkden alnyp gidilýän ýerine getirmek üçin edilen çykdajylary goşmak bilen hasaplanýar.

3. Hususy telekeçiler we şahsy taraplar tarapyndan birža söwdalaryna gatnaşmazdan gümrük serhedinden geçirilýän harytlaryň gümrük bahasy:

harytlaryň gümrük bahasy, harytlary gümrük serhedinden geçirýän hususy telekeçiler we şahsy taraplar tarapyndan gümrük edarasyna gümrük deklarasiýasyny bermek arkaly resmi taýdan mälim edilýär. Gümrük deklarasiýasynyň görnüşi gümrük edarasy tarapyndan kesgitlenilýär. Hususy telekeçiler we şahsy taraplar tarapyndan mälim edilen gümrük bahasyny tassyklamak üçin, harytlaryň nyrhlary baradaky maglumaty özünde saklaýan çekler, hasap- fakturalar, beýleki resmi namalar esas bolup bilýär;

ýany bilen gidilmeýän ýükler Türkmenistanyň gümrük çägine getirilende, harytlary aeroporta, deňiz portuna ýa-da Türkmenistanyň gümrük çäklerine girilýän beýleki ýerlere getirmek üçin edilen çykdajylar gümrük bahasyna goşulýar;

ýany bilen gidilmeýän ýükler Türkmenistanyň çäklerinden daşary alnyp gidilende, harytlary Türkmenistanyň gümrük çäginden daşary çykylýan ýere çenli eltmek üçin edilen çykdajylar gümrük bahasyna goşulýar.

4. Harytlaryň gümrük bahasyny tassyklaýan resmi namalar bolmadyk ýa-da mälim edilen gümrük bahasynyň ygtybarly däldigine şübhelenmäge esas bar bolan halatda, soňky 6 (alty) aýyň dowamynda resmileşdirilen şunuň ýaly (bir meňzeş, kybapdaş) harytlaryň gümrük bahasy ýa-da biržanyň harytlaryň lomaý bahalary baradaky maglumaty esasynda harytlaryň gümrük bahasyny gümrük edarasy özbaşdak kesgitläp bilýär.

5. Harytlaryň gümrük bahasynyň kesgitlenişiniň ygtybarlydygyna gözegçilik Türkmenistanyň gümrük edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

6. Gümrük edarasynyň harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemek boýunça gelen netijesi bilen ylalaşmadyk halatynda taraplar bu barada kanunda bellenen tertipde kazyýete şikaýat edip bilýär.

## IV. Gümrük paçlaryny tölemekden boşatmak boýunça ýeňillikler

Şular gümrük paçlaryny tölemekden boşadylýar:

1) hemişelik ýaşaýan ýerini üýtgedýän raýatlaryň şahsy emlägi;

2) miras hökmünde alnan şahsy emläk;

3) daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çäklerine wagtlaýyn getirilýän harytlar, eger-de bu harytlar Türkmenistanyň gümrük çäklerinde bolýan döwründe olaryň özleriniň ulanmagy üçin niýetlenen bolsa;

4) Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan raýatlaryň daşary ýurtlarda wagtlaýyn bolýan döwründe özleriniň şahsy hajatlarynda peýdalanmagy üçin Türkmenistanyň gümrük çäklerinden wagtlaýyn alyp gidýän harytlary;

5) ýolagçylaryň we harytlaryň halkara gatnawyny amala aşyrýan ulag serişdeleri, şol ulag serişdeleriniň ýoly geçýän döwründe kadaly dolandyrylmagy üçin zerur bolan enjamlar, azyk we başga emläkler;

6) deňizde aw edýän türkmen gämileriniň işini üpjün etmek üçin Türkmenistanyň gümrük çäginden daşary alnyp gidilýän maddy-tehniki üpjünçilik esbaplary we enjamlary, ýangyç, azyk we beýleki emläkleri, şeýle hem olaryň Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirýän aw önümleri;

7) Türkmenistanda işleýän daşary ýurt diplomatik wekilhanalarynyň, halkara guramalarynyň, konsullyk edaralarynyň we olar bilen deňleşdirilen wekilhanalaryň, şol sanda Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki şeýle wekilhanalarynyň, bu wekilhanalaryň diplomatik we administratiw-tehniki işgärleriniň, olaryň maşgala agzalarynyň resmi taýdan peýdalanmak üçin getirýän we alyp gidýän harytlary;

8) milli pul, daşary ýurt puly (numizmatik maksatlar üçin peýdalanylýanlaryndan başgasy), şeýle hem gymmatly kagyzlar;

9) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwletiň eýeçiligine geçirilýän ýa-da ýok edilýän harytlar;

10) daşary ýurt döwletleri, hökümetleri, halkara guramalary we Türkmenistan tarapyndan tölegsiz kömek hökmünde, haýyr-sahawat maksatlary, şol sanda tehniki ýardam üçin, şeýle hem ynsanperwerlik ýardamy hökmünde Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän ýa-da bu çäklerden daşary alnyp gidilýän harytlar;

11) gümrük paçlaryndan boşatmagy göz öňünde tutýan gümrük düzgünlerine laýyklykda resmileşdirilmegi boýunça Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlar;

12) Türkmenistanyň Hökümetiniň kararyna laýyklykda guralýan sergilere, ýarmarkalara gatnaşmak üçin yzyna alyp gitmek şerti bilen Türkmenistana wagtlaýyn getirilýän harytlar;

13) Türkmenistanyň Hökümetiniň ygtyýarly edýän guramaçy edarasy tarapyndan berilýän sanaw boýunça getirilýän we serginiň dowamynda paýlanylýan, harç edilýän mahabat materiallary (kataloglar, bukletler, prospektler, kalendarlar, ruçkalar we ş.m);

14) daşary ýurtly maýadaryň Türkmenistanyň çäklerinde gurluşyk desgalary ýa-da başga iş üçin maýa goýum taslamalaryna we şertnamalaryna goýan goýumynyň möçberi umumy goýumyň 10%-ini düzýän, emma 100 müň amerikan dollaryndan az däl möçberde bolan, daşary ýurt maýa goýumlarynyň gatnaşmagyndaky taslamalary we şertnamalary durmuşa geçirmek üçin getirilýän harytlar;

15) döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän edaralar tarapyndan getirilýän harytlar;

16) gümrük paçlaryny tölemekden boşatmagy göz öňünde tutýan Türkmenistanyň halkara şertnamalary, Türkmenistanyň kanunçylygy, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri esasynda gümrük serhedinden geçirilýän harytlar;

17) sport ýaryşlarynda we şonuň ýaly beýleki çärelerde döwlet edara-kärhanalary we guramalary tarapyndan gowşurylandygyny tassyklaýan resmi namasy bolan baýraklar we sowgatlar;

18) halkara poçta ugratmalarynda bir alyjynyň salgysy boýunça bir aýyň dowamynda Türkmenistana getirilýän umumy agramy 30 (otuz) kilogramdan ýokary geçmeýän harytlar;

19) halkara poçta ugratmalarynda bir iberijiden bir aýyň dowamynda Türkmenistandan alnyp gidilýän umumy agramy 50 (elli) kilogramdan ýokary geçmeýän harytlar;

20) raýatlaryň el goşlarynda getirýän, umumy agramy 60 kilogramdan ýokary bolmadyk harytlar, şol sanda umumy agramy 1 kilogramdan ýokary geçmeýän zergärçilik önümleri, raýatlaryň el goşlarynda alyp gidýän, umumy agramy 60 kilogramdan ýokary bolmadyk, şu kararyň 2-nji we 3-nji sanawlarynda görkezilenlerden başga harytlar.

## V. Artyk tölenen ýa-da töletdirilen gümrük paçlaryny yzyna gaýtaryp almagyň tertibi

1. Artyk tölenen ýa-da artyk alnan gümrük pajy - Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tölenmäge degişli möçberden artyk möçberde hakyky tölenen ýa-da gümrük pajy hökmünde töletdirilip alnan pul serişdesini aňladýar.

2. Eger tölenen gümrük pajynyň möçberi kanunda belleneninden artyk bolsa, onda gümrük edarasy artyk tölenen ýa-da artyk alnan gümrük pajyny, degişli tarapy ýazmaça habarly etmek bilen, onuň beýleki gümrük tölegleri we jerimeleri boýunça bergilerini üzlüşmegi babatda özara hasaplaşygy geçirmäge gönükdirýär.

Özara hasaplaşyk, artyk tölenen ýa-da artyk alnan gümrük pajynyň emele gelen gününiň yz ýanyndaky günden gijä galman, bergi bar bolan halatda geçirilýär.

3. Gümrük tölegleriniň we jerimeleriň hasabyna bergi ýok bolan halatda, hasabynda artyk tölenen ýa-da artyk alnan pul serişdesi bar bolan gümrük edarasy töleýjiniň arzasy esasynda degişli maliýe edarasyna ýollamak üçin netijenama taýýarlaýar.

Artyk tölenen ýa-da artyk alnan gümrük paçlarynyň artyk bölegi gümrük edarasynyň netijenamasy esasynda degişli maliýe edarasy tarapyndan şeýle netijenamany alan gününden ýigrimi günüň dowamynda yzyna gaýtarylmaga degişlidir.

Gümrük pajynyň yzyna gaýtarylmagy baradaky arza bilen gümrük edarasyna bu tölegiň tölenen ýa-da artyk töledilen gününden bir ýyl möhletden gijikdirilmän ýüz tutulýar.

Artyk tölenen ýa-da alnan gümrük paçlaryny yzyna almak barada arza bilen birlikde şu aşakdaky resmi namalaryň göçürme nusgalary gümrük edarasyna berilmelidir:

l) gümrük paçlarynyň tölenendigini tassyklaýan töleg resmi namalarynyň göçürme nusgasy;

2) gümrük edarasy tarapyndan resmileşdirilip, şolar boýunça hem gümrük paçlary hasaplanan gümrük deklarasiýasynyň göçürme nusgasy (eger gümrük deklarasiýasy resmileşdirilen bolsa).

Gümrük edarasy arza berlenden soň on bäş günüň dowamynda arza beren tarapyň artyk tölän ýa-da artyk alnan pulunyň yzyna gaýtarylmagy barada maliýe edarasyna netijenama berýär.

4. Tölenen gümrük paçlaryny yzyna gaýtaryp bermek şu halatlarda amala aşyrylýar:

1) gümrük deklarasiýasy yzyna alnanda;

2) has oňaýly düzgüniň ýa-da tarifiň ileri tutulmasy (tarif preferensiýasy) dikeldilende;

3) eger şu Tertipde Türkmenistanyň çäklerinden daşary ýurt harytlary alnyp gidilende tölenen gümrük paçlarynyň yzyna gaýtarylmagy göz öňünde tutulýan bolsa, şeýle-de harytlar ýok edilende ýa-da döwletiň peýdasyna olardan ýüz öwrülende, harytlar reeksport edilen halatynda;

4) eger harytlar täze saýlanyp alnan gümrük düzgünine ýerleşdirilende tölenmäge degişli gümrük paçlarynyň möçberi ilkinji gümrük düzgüninde tölenen gümrük paçlarynyň möçberinden az bolsa, onda gümrük edarasynyň rugsady bilen öňki beýan edilen gümrük düzgüni üýtgedilip bilner.

5. Gümrük paçlarynyň şu babyň 4-nji bölümine laýyklykda yzyna gaýtarylmagy, bu barada bir ýyldan gijikdirilmän gümrük edarasyna arza berlen halatda amala aşyrylyp, artyk tölenen gümrük paçlary şu babyň 3-nji bölüminde beýan edilen tertipde yzyna gaýtarylýar.

6. Gümrük paçlarynyň yzyna gaýtarylmagy tarapyň kanuny bähbitleri bilen esaslandyrylýan bolsa, onda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti olaryň yzyna gaýtarylmagy barada çözgüt kabul etmäge hukuklydyr.

## VI. Dürli gümrük düzgünlerine laýyklykda gümrük paçlaryny ulanmagyň tertibi

1. Saýlanyp alnan gümrük düzgünlerine baglylykda harytlar Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilende gümrük paçlaryny almak aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

1) «harytlary erkin dolanyşyga goýbermek», «harytlaryň eksporty», «harytlaryň gümrük gözegçiligi astynda gaýtadan işlenilmegi», «harytlaryň gümrük çäklerinde gaýtadan işlenilmegi: gümrük düzgünlerinde gümrük paçlary bellenen tertipde tölenýär;

2) «harytlaryň üstaşyr geçirilmegi», «harytlaryň gümrük çäklerinden daşarda gaýtadan işlenilmegi» «gümrük ammary», «harytlaryň wagtlaýyn alnyp gidilmegi», «paçsyz söwda dükany», «harytlary ýok etmek», «döwletiň peýdasyna harytdan ýüz öwürmek», şeýle hem harytlar öň alnyp gidilende «harytlaryň wagtlaýyn alnyp gidilmegi» gümrük düzgünlerinde ýerleşdirilen bolsa, gümrük paçlary tölenmeýär;

3) Türkmenistanyň çäklerine wagtlaýyn getirilip, gümrük paçlaryndan şertli doly boşadylmaga degişli harytlaryň sanawynda görkezilmedik, Türkmenistanyň çäklerine getirilip harytlaryň wagtlaýyn getirilmegi gümrük düzgünine ýerleşdirilýän harytlara gümrük paçlary kanunçylykda bellenen tertipde tölenýär;

4) «reimport» gümrük düzgünine laýyklykda, ýurtdan daşary alnyp gidilen pursadyndan başlap bir ýyl geçmeýän möhletde Türkmenistanyň gümrük çäklerine yzyna gaýtarylyp getirilende Türkmenistandan öň alnyp gidilen harytlar üçin tölenilen gümrük paçlary gaýtarylyp berilmäge degişlidir. Şonda Türkmenistana yzyna getirilen harytlar üçin gümrük paçlary tölenmeýär;

5) «reeksport» gümrük düzgünine laýyklykda, ýurda getirilen pursadyndan başlap bir ýyl möhlet geçmedik, Türkmenistanyň gümrük çäklerinden daşary yzyna alnyp gidilýän harytlar üçin, olar öň Türkmenistana getirilende tölenen gümrük paçlary şu Tertibiň V babynda göz öňünde tutulan tertipde gaýtarylyp berilmäge degişlidir. Türkmenistandan yzyna çykarylýan harytlar üçin bolsa gümrük paçlary tölenmeýär;

6) harytlaryň ýok edilendigi, tebigy heläkçiligiň ýa-da ýeňip bolmajak güýjüň täsiri netijesinde dolanuwsyz ýitirilendigi, kadaly şertlerde daşalan we saklanan ýagdaýynda hem harytlaryň adaty könelmegi ýa-da azalmagy sebäpli kem çykandygy barada ygtyýarly edaranyň resmi namasy bilen tassyklanandan başga halatlarda yzyna getirilmedik wagtlaýyn alnyp gidilen harytlar üçin gümrük pajy «harytlaryň eksporty» gümrük düzgünine laýyklykda tölenýär. Bu ýagdaýda gümrük paçlarynyň möçberi harytlary daşary ýurda wagtlaýyn alyp gitmek barada ýüz tutulan gününde hereket eden derejesinde tölenýär;

7) «harytlaryň gümrük gözegçiliginde gaýtadan işlenilmegi» gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlar üçin gümrük paçlary erkin dolanyşyga goýberilen harydyň gaýtadan işlenilmegi netijesinde alnan taýýar önüm üçin bellenen möçberde alynýar;

8) «harytlaryň gümrük çäklerinde gaýtadan işlenilmegi» gümrük düzgünine ýerleşdirilen daşary ýurt harytlaryny gaýtadan işlemegiň netijesinde alnan taýýar önümler, eksport üçin bellenen gümrük paçlaryndan boşadylýar;

9) eger gaýtadan işlemegiň maksady tölegsiz abatlaýyş bolsa, «harytlaryň gümrük çäklerinden daşarda gaýtadan işlenilmegi» gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlary gaýtadan işlemegiň netijesinde alnan taýýar önümler, harytlaryň getirilmegi üçin bellenen gümrük paçlaryndan boşadylýar. Beýleki ýagdaýlarda «harytlaryň gümrük çäklerinden daşarda gaýtadan işlenilmegi» gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlary gaýtadan işlemegiň netijesinde alnan taýýar önümlere harytlary getirmek üçin bellenen gümrük paçlary tölenýär.

Getirilýän harytlara gümrük paçlarynyň adwalor möçberi ulanylan ýagdaýynda ýurda getirilýän taýýar önümiň gümrük bahasyny kesgitlemek üçin hasaplamalarda harydyň gaýtadan işlenilmeginiň (abatlanmagynyň) bahasy esas edilip alynýar. Getirilýän harytlara gümrük paçlarynyň birlik ölçegi üçin bellenen aýratyn möçberi ulanylan ýagdaýynda hasaplamalar üçin esas hökmünde harydyň gaýtadan işlenilmeginiň (abatlanmagynyň) bahasyna deň, ölçegdäki taýýar önümiň ölçeg birligindäki sany alynýar. Getirilýän harytlara gümrük paçlarynyň möçberi gaýtadan işlenilen, taýýar önümler getirilende salynýan paçlaryň derejesinde kesgitlenilýär. Taýýar önümler ýa-da gaýtadan işlemek üçin alnyp gidilen harytlar Türkmenistanyň gümrük çäklerine bellenen möhletlerde gaýtarylyp getirilmedik ýagdaýynda eksport üçin bellenen gümrük paçlary şu Tertibe we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda alynýar.

2. Gümrük düzgüni üýtgände, gümrük pajyny tölemek täze gümrük düzgünine laýyklykda kesgitlenýär.

## VII. Gümrük işiniň çygrynda hukuk bozulmalaryna ýol berlende gümrük paçlarynyň hasaplanyşy

1. Türkmenistanyň Gümrük kodeksi we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenen talaplar we şertler berjaý edilmän Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilen, gümrük pajy tölenmedik harytlar üçin - bu harytlaryň gümrük serhedinden geçirilen gününde hereket eden gümrük pajynyň möçberi, eger harytlaryň gümrük serhedinden geçirilen gününi anyklamak mümkin bolmasa, gümrük edaralarynyň, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäklerine bikanun getirilmegini ýüze çykaran günündäki hereket eden gümrük pajynyň möçberi ulanylýar.

Harytlaryň ýok edilendigi, heläkçiligiň ýa-da ýeňip bolmajak güýjüň täsiri netijesinde dolanuwsyz ýitirilendigi, kadaly şertlerde daşalan we saklanan ýagdaýynda harytlaryň adaty könelmegi ýa-da azalmagy sebäpli kem çykandygy barada ygtyýarly edaralaryň resmi namasy bilen tassyklanan ýagdaýlardan başga halatlarda, gümrük kadalaryna laýyklykda geçirilýän ýa-da gümrük gözegçiligi astynda saklanylýan harytlaryň ýitirilen, ýetmezçiligi ýüze çykarylan ýa-da gümrük edaralaryndan birugsat berlen ýagdaýynda tölenmeli gümrük pajynyň möçberi, harytlaryň belli bir gümrük düzgünine ýerleşdirilen, şeýle hem harytlaryň üstaşyr geçirilmegi ýa-da harytlary wagtlaýyn saklamaga bermegiň amaly amala aşyrylan günündäki hereket eden gümrük pajynyň möçberi ulanylýar.

2. Harytlar Türkmenistanyň gümrük çäklerinden bikanun alnyp gidilen ýagdaýynda tölenmeli gümrük pajynyň möçberi bu harytlaryň gümrük serhedinden geçirilen gününde hereket eden gümrük pajynyň möçberine görä, eger harytlaryň gümrük serhedinden geçirilen gününi anyklamak mümkin bolmasa, gümrük edaralarynyň harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäklerinden bikanun alnyp gidilmegini ýüze çykaran günündäki hereket eden gümrük pajynyň möçberine görä hasaplanylýar.

3. Anyk sebäbe görä gümrük pajyny tölemekden boşadylmagy boýunça Türkmenistanyň gümrük çäklerinden daşary alnyp gidilen harytlaryň soňra bu  sebäplerden başga maksatlar üçin ulanylandygy ýüze çykarylsa, şeýle harytlar üçin gümrük deklarasiýasynyň gümrük edaralary tarapyndan kabul edilen günündäki hereket eden gümrük pajynyň möçberi ulanylýar.

## VIII. Gümrük pajynyň tölenişine döwlet edaralarynyň gözegçiligi

l. Gümrük pajy tölenmedik, şeýle hem nädogry we (ýa-da) kanunçylykda bellenen möhletde tölenmedik halatda, gümrük pajyny töleýji bolup durýan tarap gümrük edaralarynyň öňünde kanunçylykda bellenen tertipde jogapkärçilik çekýär.

2. Gümrük edarasyna mälim edilýän harytlary Daşary ykdysady işiň haryt sanawy boýunça toparlara bölmegiň we kodlaryny kesgitlemegiň düzgüniniň bozulmasy ýüze çykarylan halatda, şeýle harytlary toparlara bölmegi we kodlaryny kesgitlemegi gümrük edarasy özbaşdak amala aşyrýar.

3. Şu Tertibiň talaplaryny berjaý etmedik taraplar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär.

4. Gümrük pajynyň dogry we öz wagtynda tölenişine gözegçiligi Türkmenistanyň gümrük edaralary amala aşyrýar.

5. Gümrük edaralaryna tölenen gümrük paçlarynyň Türkmenistanyň döwlet býujetine doly we öz wagtynda geçirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi amala aşyrýar.

**Türkmenistanyň çäklerinden daşary alnyp gidilende gümrük paçlary bellenen harytlaryň sanawy hem-de gümrük paçlarynyň möçberleri**

| **Tertip nomeri** | **DYI HS boýunça kody** | **Harytlaryň ady** | **Ölçeg birligi üçin amerikan dollarynda ýa-da gümrük bahasyndan göterimde bellenen gümrük paçlarynyň möçberleri** |
|---|---|---|---|
| A | B | Ç | D |
| 1. | 31-den<br>3102 21 000<br>3103 10-dan | Ammiak selitrasy*<br>Ammoniý sulfaty*<br>Superfosfat*<br>(«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň edaralary tarapyndan alnyp gidilýänden başga) | 1 tonnasy üçin 25 amerikan dollary |
| 2. | 0106-dan | Türkmen goýun iti (Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň rugsatnamasy bilen) | 1 başy üçin 300 amerikan dollary |
| 3. | Koduna garamazdan | Reňkli metallardan we olaryň erginlerinden ýasalan harytlar we zatlar, şol sanda 50% we şondan köp bölegi reňkli metallardan we olaryň erginlerinden durýan çylşyrymly önümler (Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň kärhanalary tarapyndan alnyp gidilýän kabel-geçiriji önümlerden başga) | 1 kg. üçin 2 amerikan dollary |
| 4. | 1001 | Bugdaý:<br>-tohumlyk<br>-iýmitlik | 1 tonnasy üçin:<br>800 amerikan dollary<br>700 amerikan dollary |
| 5. | 1101 00-den | Bugdaý uny:<br>-ýokary sorty<br>-1-nji sorty<br>-2-nji sorty<br>-3-nji sorty (berhizlik) | 1 tonnasy üçin:<br>800 amerikan dollary<br>700 amerikan dollary<br>600 amerikan dollary<br>500 amerikan dollary |
| 6. | 1006 | Tüwi-şaly (arassalanmadyk), tüwi-ýarma | 1 tonnasy üçin<br>800 amerikan dollary |
| 7. | 4101 20 100<br>4101 20 300<br>4101 20 500<br>4101 20 800<br>4101 50 100<br>4101 50 300<br>4101 50 500<br>4101 50 900 | Iri şahly malyň çig derisi | 1 kg. üçin<br>1 amerikan dollary |
| 8. | 47-den<br>49-dan | Kagyz galyndylary hem-de taýýar çap edilýän önümler | 1 kg. üçin<br>3 amerikan dollary |

**Hususy telekeçiler we şahsy taraplar tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinmde daşary alnyp gidilende gümrük paçlary bellenen harytlaryň sanawy hem-de gümrük paçlarynyň möçberleri**

| **Tertip nomeri** | **DYI HS boýunça kody** | **Harytlaryň ady** | **Ölçeg birligi üçin amerikan dollarynda ýa-da gümrük bahasyndan göterimde bellenen gümrük paçlarynyň möçberleri** |
|---|---|---|---|
| | A | B | Ç |
| 1. | 2711-den | Suwuklandyrylan gaz | 1 kg. üçin 0,1 amerikan dollary |
| 2. | 5001 00 000 | Pile | 1 kg. üçin 2 amerikan dollary |
| 3. | 5002 00 000 | Ýüpek çig maly (saralmadyk) | 1 kg. üçin 7 amerikan dollary |
| 4. | 7301-7307 | Gara metaldan ýasalan önümler | 1 tonnasy üçin 100 amerikan dollary |
| 5. | 7311 00-den | Suwuklandyrylan gaz üçin (21 kg. çenli göwrümli) ballonlar* | 1 birligi üçin 20 amerikan dollary |

**Bellik**: Gysylan gaz üçin ballonlary (kislorod ballonlaryny) Türkmenistanyň çäklerinden daşary alyp gitmek gadagan edilýär.

**Türkmenistanyň çäklerinden daşary alnyp gidilende gümrük paçlary tölenmeýän we mukdar taýdan çäklendirilmeýän harytlaryň**
**SANAWY**

| Tertip nomeri | Harydyň ady |
|---|---|
| 1. | Tikin önümleri |
| 2. | Trikotaž önümleri |
| 3. | Aýakgaplar |
| 4. | Matalar |
| 5. | Temmäki we temmäki önümleri |
| 6. | Alkogolly içgiler |
| 7. | Tele-wideo-audio we radio enjamlary |
| 8. | Ýeňil awtoulaglar |
| 9. | Elde dokalan haly we haly önümleri |
| 10. | Mineral suw |
| 11. | Alkogolsyz içgiler |
| 12. | Gök we bakja önümleri, ir-iýmişler (iýul-awgust aýlary) |
| 13. | Makaron önümleri |
| 14. | Ary baly |
| 15. | Nahar duzy |
| 16. | Pomidor goýultmasy |
| 17. | Doňdurma we düzüminde какao bolan ýa-da bolmadyk iýmitlik buzuň beýleki görnüşleri |
| 18. | Maşynda dokalan halylar |
| 19. | Taýýar ýod önümleri |
| 20. | Gaplanan bejeriş palçyklary we deňiz duzy |
| 21. | Zyýansyzlandyrylan sargy serişdeleri |
| 22. | Lukmançylyk kosmetika pamyk önümleri |
| 23. | Mineral bejeriş suwlary |
| 24. | Keçe ädik |
| 25. | Kafel ýelimi |
| 26. | Gaplanan gök we miwe önümleri |
| 27. | Mal içegeleri |
| 28. | Deri önümleri (çig mal we ilkinji işlenen görnüşinde) (iri şahly malyň çig derisi (DYIHS-y boýunça şertli belgisi 4101 20 100; 4101 20 300; 4101 20 500; 4101 20 800; 4101 50 100; 4101 50 300; 4101 50 500; 4101 50 900) muňa degişli däldir) |
| 29. | Süýji-köke önümleri |
| 30. | Balyk konserwleri |
| 31. | Pagta ýagy |
| 32. | Türkmenistanyň serhetýaka söwda merkezlerinde we howa menzillerinde ýerleşýän paçsyz söwda nokatlarynda daşary ýurtly alyjylara ýerlenýän azyk önümleri |

**Bellik**: Şu sanawda görkezilmedik azyk harytlaryny (önümlerini), hususy telekeçilere we şahsy taraplara Türkmenistanyň çäginden daşary alyp gitmek gadagan edilýär.